# Internetiň esaslary (Elektron poçta)

PICTT Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Halkara Ösüş Agentligi tarapyndan maliýeleşdirilýär (USAID) we Halkara Ylmy Barlag we alyş-çalyşlar boýunça geňeş (IREX) tarapyndan gözegçilik edilýär.

# Mazmuny

Elektron poçta ........ 3
A. Poçta döretmek üçin web-düwüniniň saýlawy ........ 3
B. Elektron poçtalar barada ........ 3
C. Elektron habrlaryň formaty ........ 4
D. Poçtaly gaplar ........ 4
E. Habar berme ........ 4
F. Kabul edilmäni tassyklamak ........ 4
G. Jogap bermek ........ 5
H. Birikdirilen faýllar ........ 5
I. Elektron poçtanyň etiketi ........ 5
GMAIL – bolşy ýaly ........ 6
A. Täze habarlary döretmek ........ 7
B. Hatlara jogap bermek/ýollamak ........ 7
C. Hatlary gurama: ........ 8
D. Kontaktlar ........ 9

## Elektron poçta

Internetde WWW-den başga-da meşhur bolan elektron poçta serwisi bardyr, onuň kömegi bilen daş aralykdan maglumatlary alyş-çalyş etmek örän amatlydyr.

*Elektron poçta* (Electronic mail ýa-da gysgaça E-mail) – bu kompýuter torunyň kömegi bilen maglumatlary ugratmak we kabul etmek usulydyr.

### A. Poçta döretmek üçin web-düwüniniň saýlawy

Ilkinji nobatda mugt poçta hyzmatyny hödürleýän web-serweri tapmaly. Onuň üçin tanyşlaryňyz bilen maslahatlaşyp bilersiňiz, şeýle hem mahabatlardan ýa-da gözleg sistemalaryndan alyp bilersiňiz.

Belli we yhtybarly hyzmat edýän mugt eletkron poçtalaryň käbirlerini getireliň:

- Gmail (*www.gmail.com*);
- Yahoo! Mail (*mail.yahoo.com*);
- Mail.ru (*www.mail.ru*);
- Яндекс (*mail.yandex.ru*);
- Рамблер (*mail.rambler.ru*).

Mugt poçta gullugyny saýlamak üçin birnäçe saýtlara girip görüň, olaryň interfeýsiniň amatlylygyny bahalandyryň we aşakda getirilýän soraglary anyklaň:

- Berlen gulluk näçe wagt hyzmat edýär we onuň ygtybarlyk derejesi nähili (E-mail adresini çalyşmak meselesi ýüze çykmaz ýaly)?
- Rus haraplary bilen işlemek goldawy barmy, ýagny rus harplary bilen ýazylan tekst dogry şekillenýärmi?
- Gelýän maglumatlar bilen işlemek nähili derejede amatly, habarlary bukjalar boýunça tertipleşdirmek göz öňüne tutulanmy?
- Web-interfeýsiň işleýşi çalt amala aşyrylýarmy? Ýagny web-sahypa ýüklenende köp wagt sarp edýärmi?
- Hödürlenýän poçta gabynyň megabaýtlarda ölçegi nähili?

Elektron poçta bilen işlemek effektiwligini galdyrmak üçin poçtaly programma bilen özara gatnaşygy goldaýan poçta gullugynyň gowy bolmagy hökman däldir.

### B. Elektron poçtalar barada

Elektron poçta — bu internetde iň bir meşhur we zerur hyzmatlaryň biridir. Elektron maglumatlaryň alyş-çalşygy edil adaty sistemadaky poçta habarlarynyň alyş-çalşygyna meňzeşdir. Ýöne internediň hödürleýän mümkinçilikleri bolup, elektron hatlar bilen işlemek prossesi effektiw we gyzyklydyr. Elektron poçtanyň özüne çekijiligi onuň effektiwligidir. Bu hili arabaglanyşygyň başga-da artykmaçlyklary bardyr:

- Özara arabaglanyşyk etmek üçin birwagtda iki abonentiň hem bolmaklygy talap edilmeýär;
- Ugradylan elektron hatlarynyň nusgasynyň saklanylmagy, şeýle hem awtomatlaşdyrylan kompýuterde işläp taýýarlamak obýekti bolmagydyr;
- Habarlar birwagtda birnäçe abonent tarapyndan ugradylyp biliner;
- Habarda tekst däl maglumatlary hem bolup biler.

Elektron poçta ýa-da e-mail — kuwwatly serişde bolup, onuň kömegi bilen ulanyjy kompýuter arkaly döredip bolýan islendik maglumaty elektron poçta salgysy bar bolan başga bir ulanyja ugradyp bilýär. Adatça elektron poçta habarlary tekst, grafik, sepleme faýllary, audio we wideo görnüşinde bolup biler. Elektron habarlaryny aňsatlyk bilen:

- Okap we ýok edip bolýar;
- Okap we saklap bolýar;
- Okap we jogap berip bolýar;
- Redaktirläp we saklap bolýar ýa-da başga bir adama ugradyp bolýar;
- Çap edip bolýar.

Elektron poçta gepleşik geçirmek üçin amatlydyr, şeýle hem anyk tema boýunça habar alyş-çalşygyny "историю вопроса" bölümde belläp bolýar.

**Soraglar:**

1. Elekton poçta diýip nämä aýdylýar?
2. Elektron poçta döretmek üçin haýsy web-düwünlerini bilýärsiňiz?
3. Mugt elektron poçta gullugy saýlananda nämeleri zerur bilmeli?
4. Elektron poçtanyň effektiwligi nämede?
5. Elektron poçta başgaça näme diýip atlandyrýarlar?
6. Elektron habarlar özünde nämeleri saklap bilýär?
7. Elektron habarlary bilen nähili operasiýalary geçirmek mümkin?

## C. Elektron habrlaryň formaty

Elektron poçta arkaly geçirilýän habarlar halkara standartlary bilen degişlilikde bezelýär. Elektron habarlarynyň hökmany elementi bolup abonentiň poçta salgysy bolup durýar. Elektron haty atdan, özboluşly konwertden we habaryň özünden ybaratdyr. Habaryň ady aşakda getirilýän esasy meýdanlardan düzülendir:

- **From:** ugradyjynyň ady we onuň elektron poçta salgysy.
- **To:** alyjybyň elektron salgysy.
- **Cc:** bu habaryň nusgasynyň ugradylan abonentleriň salgysy.
- **Bcc:** bu habaryň gizlin nusgasynyň ugradylan abonentleriň salgysy.
- **Reply-To:** jogap kadasynda hatlary taýýarlamak üçin abonentiň salgysy.
- **Subject:** habaryň temasy.
- **Date:** habary ugratmagyň aý-güni we wagty.

*From* we *Date* at setirleri adatça poçtaly sistemanyň awtomatiki programma serişdeleri bilen gurnalýar. Subject (Tema) setiri hatyň mazmunyny aňladýan temany kesgitleýär, eger ulanyjy bu setiri doldurmadyk bolsa, onda ol awtomatiki gurnalýar, meselem, ulanyjynyň jogap berýän hatynyň ady geçirilýär (prefiksiň goşulmagy bilen).
Bu setirleriň hemmesi atda bolmagy hökman däldir. Ondan başgada ol birnäçe gullukçy setirleri saklaýar, ýagny olar zerurlyk ýüze çykan wagtynda ulanylýar.

## D. Poçtaly gaplar

Elektron poçtalaryň sistemasynda her bir ulanyjy üçin administrator aýratyn poçtaly gap döredýär.

## E. Habar berme

Elektron poçtanyň sistemasy alyja habaryň gelenligi barada habar berýär. Bu ýagdaýda alyjynyň kompýuteri ses signaly, wizual signaly we şuňa meňzeşleri berýär.

## F. Kabul edilmäni tassyklamak

Elektron poçtanyň programmasy ugradyja habaryň alnanlygy we okalanlygy barada habar berýär.

### G. Jogap bermek

e-mail sistemasynyň köpüsi habara jogap bermek mümkinçiligini e-mail salgyny girizmezden jogap düwmesine basylmagy bilen amala aşyrýar. Ulanyjylar habarlary ýatda saklap bilýärler, ýagny gelejekde habar alyşmak zerurlygy ýüze çykan ýagdaýynda ulanyp bilerler.

### H. Birikdirilen faýllar

Elektron poçtalaryň häzirkizaman sistemalary habarlara diňe bir tekst maglumatlary dälde beýleki maglumatlary hem berkidip bolýar. Ýagny, elektron tablisalar, maglumatlar bazasy, grafikler, wideo we audio ýazgylary berkidip bolýar.

**Soraglar:**

1. Elektron hatlar nämeden düzülen?
2. Doly elektron salgyny girizmän habara nädip jogap bermeli?
3. Elektron habara nähili görnüşli faýllary berkidip bolýar?

### I. Elektron poçtanyň etiketi

Elektron poçta biri-biri bilen özara habarlaşýan adamlaryň köp mukdaryny özüne çekýär. Şonuň üçin hem elektron hatlar bilen işlenende käbir kyn bolmadyk düzgünleri berjaý etmeli, ol bolsa ugradyjynyň we salgynyň gyzyklanmasyny goraýar.

- Birinjiden, elektron poçtanyň anonim hat däldigini hemişe ýadyňyzda saklaň we habar ugradany ýeňillik bilen tapyp bolýar.
- Poçta ugradylan wagtynda özüňizi identifisirläň. Salgydan başgada özüňiz barada maglumat giriziň.
- Habaryň temasyny görkezmeli. Dokument düzülende *Subject* meýdanyny dolduryň. Ol bolsa habary alýanyň gelen habaryň näme baradadygyny bilmäge kömek berýär.
- Poçtaňyzy okaň. Gelýän hatlara yzygiderli göz aýlaň.
- Poçta habarlary ugradylanda hökman wagty gurnamaly.
- Eger zerurlyk bolmasa, onda tassyklanmany soramaň.
- Zerur bolan ýagdaýynda habaryň zerurlygy barada maglumata bellikleri ulanyň.

**Soraglar:**

1. Habary ugradyjynyň we alyjynyň gyzyklanmasyny goraýan nähili düzgünler bar?
2. Näme üçin habarlara «temany» görkezmeli?
3. Maglumat ugradylanda aý-güni goýmagyň näme zerurlygy bar?

# GMAIL – bolşy ýaly

Gmail – de elektron poçta beýleki meşhur poçta serwislerinden tapawutlylykda işleýär. Gmail-iň käbir funksional mümkinçilikleri barada aşakda getirilýär:

1. Spamlar örän az gelýär
2. Açar sözleri bilen hatlary gözläp bolýar
3. Hatlara jogaplaryň ýerleşişinde ähli hat alyşmalary görmek bolýar
4. Mini çat (çep tarapda)
5. Goşmaçalar, filtrler we bellikler
6. Salgy kitabyna çalt ýol alma
7. Gabyň uly göwrümi
8. Mugt

Gmail – de standart interfeýs aşakdaky görnüşde getirilýär (seret surat).



## A. Täze habarlary döretmek




## B. Hatlara jogap bermek/ýollamak




Eger siz hata jogap berýän bolsaňyz, onda haty alyjynyň salgysy gurnalýar. Hatyň mazmuny bolsa aşakda ýazylýar.




Eger gelen haty birine ugratjak bolsaňyz, onda haty aljagyň salgysyny ýazmaly bolýar. Hatyň mazmuny aşakda ýerleşýär, eger hat ýazmakçy bolsaňyz, onda ony ýokarda ýazmaly.




### C. Hatlary gurama:

1. ***Filters*** – filtrler gelýän hatlaryň akymyny dolandyrmaga mümkinçilik berýär. Filtrleri ulanyp indiki prosesleri awtomatlaşdyryp bilersiňiz: *reňkiň kömegi bilen bellik etmek*, *arhiwirlemek*, *ýok etmek*, *bellige almak ýa-da* açar sözleriniň islendik kombinasiýasyny, ugradyjyny, alyjyny we ş.m. ulanyp gelen hatlary *başga birine ugratmak.*




2. ***Labels*** – bellik goýmak üçin ilki bilen haty saýlamaly, soňra More Actions... menýu setirinden Select New label buýrugyny saýlamaly, bellige at goýmaly we OK düwmesine basmaly.
   a. Bellikleri redaktirlemek
   b. Bellikleri ýok etmek

3. ***Archiving mail*** – Inbox (входящие) bukjanyň ähli hatlary arhiwirlenende olar *All Mail* (вся почта) bukjasynda ýerleşdirilýär, ol bolsa hatlary ýok etmän *входящие* bukjasyny arassalamaga mümkinçilik berýär. Ähli arhiwirlenen hatlary *All Mail* bukjasyndan ähli bellikleri we gözleg ýollary bilen tapyp bolýar. Eger öň hat alyşýanlaryňyzdan biri size hat yazsa we hat alyşmalar arhiwde bolsa, onda sistema awtomatiki ýagdaýda gelen hatlary *входящие* bukjasynda ýerleşdirýär.
   a. Arhiwasiýany nädip döretmeli;
   b. *входящие* bukjasyna hatlary nädip gaýtarmaly.

4. ***All Mail*** – bu bukjada ähli arhiwirlenen hatlar ýerleşdirilýär, ýagny haçan hem bolsa bir wagt ugradylan we alnan, ýöne ýok edilmedik hatlaryň gory.

5. ***Могу ли я архивировать или удалить?*** – Eger hatlar gelejekde gerek bolsa, onda hatlary arhiwde ýerleşdiriň. Eger hatlary ýok eden bolsaňyz, onda olar awtomatiki ýagdaýda 30 günden soň ýok edilýär.

6. ***Удаление отправленных писем*** – Eger (Inbox, All Mail, Conversation) bukjalarda ýerleşýän hatlary Sent Mail (отправленные)-den ýok etmek bilen hatlaryň ähli zynjyry ýok edilýär. Eger zynjyrdan hatlary ýok edeniňizde olar Trash (отход) bukjasynda ýerleşdirilýär.

## D. Kontaktlar




***Добавить контакт*** – çep panelde ýerleşýän Contacts (адресная книга) ýollanmasyna basmaly, soňra New Contact (новый адрес) düwmesine basmaly, maglumaty girizmeli we ýatda saklamaly. Her gezek kontaktda ýerleşmedik elektron salga hat ýazylanda olar awtomatiki ýagdaýda adres kitapçasynda ýatda saklanýar.

Toparlary döretmek - Topary döretmek üçin:

1. Contacts (адресная книга) ýollanma basmaly.
2. Salgy kitapçasynyň ýokarky çep künjeginde ýerleşýän New Group (новая группа) düwmesine basmaly.
3. Toparyň adyny girizmeli
4. OK düwmesine basyň

Kontaktlary topara goşmak:

1. Kontaktlar sanawyndan «контакт» saýlamaly
2. Groups (группы) menýuny açmaly.
3. Häzirki wagtda açyk duran kontakty goşmak üçin topary açyň ýa-da New group (новая группа) buýrugyny saýlaň we täze toparyärediň.

Ýa-da

1. Topary saýlaň
2. Add this to group meýdanynda elektron poçtanyň salgysyny ýa-da adyny giriziň.